**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**
**S.A.NYÝAZOW ADYNDAKY TÜRKMEN OBA HOJALYK UNIWERSITETI**

**«TASSYKLAÝARYN»**
**S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň rektory ____________ A.Gapurow**
**« 04 » sentýabr 2025ý.**

**S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň guramagynda ýurdumyzyň orta hünär okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda okuw dersleri boýunça ders bäsleşigini guramak we geçirmek hakynda**

# DÜZGÜNNAMA

«Türkmenistanda tebigy we takyk ylmy ugurlara degişli dersleri okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasyny» we «Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasyny» durmuşa ornaşdyrmagyň Meýilnamalaryny şeýle hem Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň 2022-nji ýylyň 7-nji martyndaky 77 belgili «Ýokary we orta hünär okuw mekdepleriniň arasynda bilim boýunça özara hyzmatdaşlygy üpjün etmek hakynda» buýrugyny ýerine ýetirmek hem-de orta hünär okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda zehinli ýaşlary ýüze çykarmak maksady bilen, ýurdumyzyň orta hünär okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda **2025-nji ýylyň noýabr aýynda matematika, fizika we informatika** derslerinden ders bäsleşigini geçirmek boýunça şu düzgünnama işlenip taýýarlandy.

## 1. Umumy düzgünler

Şu düzgünnama ýurdumyzyň orta hünär okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda matematika, fizika we informatika derslerinden ders bäsleşigini (mundan beýläk – bäsleşik) guramagyň we geçirmegiň kadalaşdyryjy resminamasy bolup, ony geçirmegiň tertibini kesgitleýär.

Türkmenistanyň bilim ulgamynyň dünýäniň ylym-bilim giňişligine sazlaşykly aralaşýan we uly depginler bilen ösýän döwründe guralýan bäsleşigiň esasy maksady Watana wepaly, ýiti zehinli we başarjaň, özbaşdak işlemäge ukyply ýaşlary, ussat hünärmenleri ýüze çykarmakdan ybaratdyr.

## 2. Olimpiadanyň maksady we wezipeleri:

- sanly maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalary arkaly ýokary okuw mekdepleri bilen orta hünär okuw mekdepleriň özara aragatnaşygyny pugtalandyrmak;

- orta hünär okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda dostlukly gatnaşyklary berkitmek we özara bähbitli ylmy maglumatlary alyş-çalyş etmek;
- talyplarda häzirki zaman tehnologiýalary ulanmak arkaly nazary düşünjeleri jemlemek bilen amaly meseleleri çözmeklige gyzyklanma döretmek;
- talyplara özbaşdak pikirlenmegi we işlemegi, ylmy meselelerden baş alyp çykmaklygy öwretmek;
- bilim bermegiň hil derejesini ýokarlandyrmak bilen bir hatarda ders bäsleşiklerine gatnaşýan talyplaryň ýokary derejede taýýarlygyny gazanmak;
- aýratyn zehinli ýaşlary goldamak üçin gerekli şertleri döretmek, ýaşlaryň arasynda ylym-bilimi ýaýratmak we öňe sürmek;
- ýaşlary mundan beýläk-de bilimini kämilleşdirmeklige ruhlandyrmak;
- orta hünär okuw mekdepleriniň talyplarynda ýokary bilim almaklyga bolan höwesi artdyrmak.

## 3. Olimpiadanyň guramaçylyk-usulyýet üpjünçiligi

Orta hünär okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda bäsleşigi guramak we geçirmek boýunça umumy ýolbaşçylygy amala aşyrmak üçin guramaçylyk topary döredilýär. Guramaçylyk topary:

- orta hünär okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda bu bäsleşigi geçirmegiň esasy ýörelgelerini kesgitleýär hem-de ony guramak we geçirmek boýunça guramaçylyk işlerini alyp barýar;
- bäsleşigi geçirmegiň tertibini we möhletini kesgitlemek boýunça teklipleri taýýarlaýar;
- ýurdumyzyň orta hünär okuw mekdepleriniň wekilleri bilen bäsleşigiň ýumuşlaryny işläp taýýarlamak boýunça işleri alyp barýar.

## 4. Bäsleşigi guramagyň we geçirmegiň tertibi

4.1 Bäsleşik ýurdumyzyň orta hünär okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda 2 tapgyrda şahsy bäsleşik görnüşinde geçiriler.

4.2 Bäsleşige orta hünär bilim maksatnamalary boýunça okaýan ýurdumyzyň orta hünär okuw mekdepleriniň dürli hünärleriniň talyplary gatnaşyp biler.

4.3 Bäsleşige gatnaşmak isleýän orta hünär okuw mekdebi talyplar we ýolbaşçy mugallymlar barada maglumaty aşakdaky nusga laýyklykda doldurup, **2025-nji ýylyň 1-nji noýabryna** çenli tm.tau.2022@gmail.com elektron salgysyna ugratmaly.

4.4 Bäsleşigiň resmi iş dili – türkmen dili.

***NUSGA***

**Orta hünär okuw mekdebiniň ady**

| T/b | Familiýasy, ady | Hünäri | Okuw ýyly | Gatnaşjak dersi | Ýolbaşçy mugallym |
|---|---|---|---|---|---|
| 1. | Meredow Anna | Sanly maglumat tehnologiýalary | 2 | Matematika | Amanow Myrat +99362636465 |
| 2. | ..... | ..... | ..... | | |
| 3. | | | | | |
| 4. | | | | | |
| 5. | | | | | |
| 6. | | | | Fizika | |
| 7. | | | | | |
| 8. | | | | | |
| 9. | | | | | |
| 10. | | | | | |
| 11. | | | | Informatika | |
| 12. | | | | | |
| 13. | | | | | |
| 14. | | | | | |
| 15. | | | | | |

4.5 Bäsleşige her orta hünär okuw mekdebinden her dersden 4 talyp gatnaşyp biler.

4.6 Bäsleşigiň 1-nji (welaýat) tapgyry 2025-nji ýylyň noýabr aýynyň 14-ne sagat 10:00-da matematika, 14:00-da fizika, noýabr aýynyň 15-ne 10:00-da informatika dersinden S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň web saýtynyň üsti bilen bilim portalynyň binýadynda onlaýn görnüşinde göni wideoaragatnaşyk arkaly geçiriler.

4.6.1 Gatnaşyjylar 1-nji tapgyryň başlanmagyna 1 sagat galanda olimpiadanyň geçirilýän ýerine (Ahal welaýaty, Aşgabat we Arkadag şäherleri S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetine, Mary welaýaty Türkmenistanyň Döwlet energetika institutyna, Lebap welaýaty Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutyna, Daşoguz welaýaty Türkmen oba hojalyk institutyna, Balkan welaýaty welaýat baş bilim müdirligine) barmaly.

4.6.2 Gatnaşyjylaryň ählisi häzirki zaman kompýuterleri bilen üpjün edilmelidir. Ähli kompýuterleriň internete çatylmagy hökmanydyr (internet ýeterlikli tizlikde işleýän bolmaly).

4.6.3 Guramaçylyk topary tarapyndan gatnaşyjylara ulanyjynyň ady (login) we parol olimpiada başlamagyna bir sagat galanda gözegçi mugallyma ugradylýar.

4.6.4 Ulanyjynyň ady (login) hem-de paroly bir gezek ulanmaga niýetlenendir we ony bäsleşigiň geçirilýän güni, bellenen sagatda ulgama girmek üçin ulanyp bolýar.

4.6.5 Berlen ulanyş sahypasyna girilende dersiň okuw maksatnamasyna laýyklykda ýumuşlar açylýar. Gatnaşyjy ýumuşlary ýerine ýetirýär we jogaplary açylan programma üpjünçiliginde "Jogap" diýen öýjüge meseläniň şertinde görkezilişi ýaly girizýär. Eger-de ýumuş test görnüşinde berilse, onda gatnaşyjy dogry diýip hasap edýän jogabyny belleýär we indiki soraga geçýär.

4.6.6 Ýumuşlary ýerine ýetirmek üçin jemi berilýän wagt – 120 minut.

4.6.7 Gatnaşyjy ýumuşlary ýerine ýetirýän wagtynda diňe internet olimpiadasyna degişli programma üpjünçiligi bilen işlemeli.

4.6.8 Olimpiadanyň geçirilýän ýerini doly gözegçilikde saklamak üçin kompýuterler we web-kameralar üznüksiz internet toruna birikdirilen hem-de olimpiada tamamlanýança doly işjeň ýagdaýda bolmaly.

4.6.9 Gatnaşyjy ýany bilen diňe ýazuw kagyzyny, ruçka we kalkulýator alyp biler.

4.6.10 Ýumuşlary ýerine ýetirmek üçin berlen wagtyň dowamynda gatnaşyjylara okuw kitaplaryndan, gollanmalaryndan, aragatnaşyk serişdelerinden, öýjükli telefonyndan, gözükdirijilerden, maglumat göterijigeçiriji beýleki islendik serişdelerinden peýdalanmaga rugsat berilmeýär.

4.6.11 Gatnaşyjylar hödürlenen meseleleri özbaşdak çözmeli. Bäsleşigiň geçirilýän wagty goşmaça kömek edilen, töweregindäki ýoldaşlary bilen gürleşen ýa-da kitap-gazet we beýleki maglumat serişdelerini ulanan ýagdaýynda talyp bäsleşige gatnaşyjylaryň hataryndan çykarylar.

4.6.12 Gatnaşyjylar ýumuşlary ýerine ýetirýän wagtynda ýumuşlaryň çözülişine degişli bolmadyk soraglar ýüze çykan ýagdaýynda gözegçilere ýa-da kompýuter otagynyň tehniki işgärlerine ýüz tutup biler.

4.6.13 Orta hünär okuw mekdeplerden jogapkär mugallymlar bäsleşigiň geçirilişine onlaýn görnüşinde göni wideo aragatnaşyk arkaly gözegçilik edip biler.

4.7 Bäsleşigiň 2-nji (döwlet) tapgyry S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň kitaphanasynda geçiriler.

4.8 Bäsleşigiň eminler toparynyň düzümine her orta hünär okuw mekdebinden degişli ders boýunça bir ýolbaşçy mugallym girýär.

4.9 Degişli ders boýunça eminler bäsleşigiň geçirilýän güni sagat 08:00-da S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň 1-nji okuw binasynyň 95-nji okuw otagyna gelmeli.

4.10 Bäsleşikde beriljek ýumuşlar guramaçylyk topary tarapyndan taýýarlanylýar we eminler topary tarapyndan bije çekilip saýlanylar.

4.11 Bäsleşigiň 2-nji tapgyrynda berlen ýumuşlary ýerine ýetirmek üçin 180 minut wagt beriler:

4.11.1 **Matematika dersinden bäsleşik 2025-nji ýylyň 24-nji noýabrynda** sagat 09:00-da başlaýar:

a) bäsleşikde beriljek ýumuşlarda matematikanyň çyzykly algebra, analitiki geometriýa, funksiýanyň predeli, önümiň ulanylyşy, kesgitsiz integral, ähtimallyklar nazaryýeti bölümlerine degişli jemi 6 sany mesele hödürlener.

4.11.2 **Fizika dersinden bäsleşik 2025-nji ýylyň 25-nji noýabrynda** sagat 09:00-da başlaýar:

- bäsleşikde beriljek ýumuşlarda fizikanyň mehanika, molekulýar fizika we termodinamika, elektrostatika, magnit meýdany we optika bölümlerine degişli jemi 5 mesele hödürlener.

4.11.3 **Informatika dersinden bäsleşik 2025-nji ýylyň 26-njy noýabrynda** sagat 09:00-da başlaýar:

- bäsleşikde beriljek ýumuşlarda informatikanyň bitin sanlar, hasaplaýyş ulgamy, massiwleri we faýllary tertipleşdirmek, köplükler, matrisalar, tötänleýin sanlar, setir ululyklar, kalendar, kriptografiýa, san yzgiderlikleriniň üstünde amallar bölümlerine degişli bolup, jemi 6 mesele hödürlener;
- ýumuşlary gatnaşyjy kompýuterde programmirlemegiň «Basic», «Pascal», «C++» ýa-da «Delphi» dillerini ulanmak arkaly işleýär;
- bäsleşikde ýerine ýetirilen her ýumuş 5 sany barlag testinden geçiriler we her alnan dogry jogap üçin 1 ball hasap ediler.

4.12 Bäsleşige gatnaşýan talyp ýumuşlary özbaşdak ýerine ýetirmeli. Bäsleşik geçýän wagty gatnaşyjylara gapdalyndaky ýoldaşy bilen gürleşmäge, öýjükli telefonlardan we beýleki habar beriş serişdelerinden peýdalanmaga rugsat berilmeýär. Şu düzgüni bozan talyp bäsleşige gatnaşýanlaryň hataryndan çykarylar.

4.13 Talyp ýumuşlary ýerine ýetirýän wagtynda degişli soraglary bilen bäsleşigiň guramaçylyk toparyna ýüz tutup biler.

4.14 Düzgünnamanyň 3.i bendi eminleriň biragyzdan makullamagy we guramaçylyk toparynyň ylalaşmagy esasynda üýtgedilip bilner.

4.15 Eminler topary bäsleşige gatnaşýan talyplaryň işlerini bahalandyrýar we netijelerini jemleýär.

## 5. Olimpiadanyň ýeňijilerini kesgitlemegiň we sylaglamagyň tertibi

5.1 Bäsleşigiň netijesi toplanan ballaryň jemi boýunça kesgitlenýär.

5.2 Ýeňijileriň umumy sany bäsleşigiň 2-nji tapgyryna gatnaşyjylaryň sanynyň 50%-inden geçmeli däl we orunlar 1:2:3 gatnaşykda bolmaly.

5.3 Bäsleşigiň netijeleri beýanlar arkaly resmileşdirilýär we eminler toparynyň netijenamasy esasynda ýeňijileriň düzümi S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň rektorynyň buýrugy bilen tassyklanýar.
5.4 Bäsleşigiň ýeňijileri I, II we III derejeli diplomlar bilen sylaglanar.

**Habarlaşmak üçin tel.: +99365633644, el.poçta: tm.tau.2022@gmail.com**

**Olimpiadanyň guramaçylyk topary.**